# Erkekler aglamaýarlar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Erkekler aglamaýarlar ERKEKLER AGLAMAÝARLAR

Käte şeýle bolýar, men erkek diýip,
Gynanjyň gözýaşyn gizlejek bolýaň.
Ýürek gyýylsada eýýäm gan öýüp,
Şonda-da mertlerçe sözlejek bolýaň.

Emma başaraňok, bokurdak dolup,
Damagyňdan bir ses çykmajak ýaly.
Özüňi saklajak bolýaň,zor salyp,
Şeýtseň gözüňden ýaş akmajak ýaly.

Sessiz aglamaklyk, gör niçik agyr,
Dem almak kynlaşýar, öýken gysylýar,
Ýürek paralanýar, dilinýär bagyr,
Belki ömrüňden hem ýyllar kesilýär.

Naçarlar aglaýar, goý aglasynlar,
Ýürekleri giňär, dertleri ýeňlär.
Olar erkeklere bil baglasynlar,
Aýralyk derdini, aglamak ýeňýär.

Ýaradan, meň senden bir dilegim bar,
Diýýärler, erkekler aglamaýarlar.
Ýöne sen aglatma hiç bir aýaly,
Erkek adamlaryň aglaýşy ýaly.

Azat NURGELDIÝEW. Goşgular